# Aýlanarsyñ durmarsyñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýlanarsyñ durmarsyñ AÝLANARSYŇ DURMARSYŇ

Haçan döräp, haçan başdan bat alyp,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.
Asmanyň astynda «Zemin» at alyp,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Örküň Günde, Aý daşyňda aýlanar,
Haýsy planeta saňa taý geler?
Gije-gündiz, gezekleşer pasyllar,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Ýerasty sarsgynyň süňňüňi silker,
Jümmüşiňden wulkan ot bolup galkar,
Ýagyş-ýagmyr ýagar, ýel bilen çalkar,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Fiziki, himiki täsir astynda,
Fermentleriň işjeňligi destinde,
Beýiklik dagyňda, umman pestiňde,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Ummanyň eklençdir, balykdan doly,
Mesgen tutan guşlaň uçmakda haly,
Yns-jyns duýmazdan sallançak ýaly,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Haýwan, Ynsan öz dilinde gürleşip,
Taýyn tapsa, jübütleşýär birleşip,
Älem ýüzi howpa sowa ýerleşip,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Janly-jandar gybyr-gybyr torç edip,
Ýaşaýarlar iýmeklige ürç edip,
Maksat näme, munça azap harç edip,

Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Ynsanyňky hak ýoluna gowuşmak,
Maksady bakyda Jennete düşmek,
Takdyryňdyr başdan, amala aşmak,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň.

Üstüňe sürünip, süýnmesin «apat»,
Allaň goragynda inmesin «apat»,
Illi aýdar, perwana sen «bir äpet»,
Pyrlanarsyň, aýlanarsyň, durmarsyň. Goşgular